Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRONIC NEWSPAPER

*Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*

*Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.*

№26 (76) 2023-nji ýylyň 20-nji oktýabry



## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

*Syýasy teswir*

***11-nji oktýabrda*** Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň daşary işler ministri Hakan Fidany kabul etdi.

Döwlet Baştutanymyz Türkiýe Respublikasynyň Prezidentine iň gowy arzuwlaryny beýan etmek bilen, şu gezekki saparyň çäklerinde meýilleşdirilen gepleşikleriň, duşuşyklaryň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyga täze itergi berjekdigine ynam bildirdi.

* * *

***11-nji oktýabrda*** Türkmenistanyň daşary işler ministri Raşid Meredowyň we Aşgabada resmi sapar bilen gelen Türkiýe Respublikasynyň daşary işler ministri Hakan Fidanyň arasynda gepleşikler geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda taraplar iki döwletiň Prezidentleriniň we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň tagallalary netijesinde döwletara gatnaşyklaryň ýokary derejede, okgunly we üstünlikli ösýändigini bellediler.

* * *

***11-nji oktýabrda*** Köpetdagyň ajaýyp tebigy künjeginde ýerleşýän Arkadag şäherinde V Wena baly we «Galkynyş» türkmen-awstriýa simfoniki orkestriniň konserti geçirildi.

* * *

***12-nji oktýabrda*** Türkmenistanyň daşary işler ministriniň orunbasary Mähri Bäşimowa Wena şäheriniň häkiminiň wekili, Wena şäher geňeşiniň agzasy we Wena prowinsiýa parlamentiniň agzasy Omar Al-Rawiniň ýolbaşçylygynda Aşgabada sapar bilen gelen Wenanyň wekiliýeti, şeýle hem Türkmen-Awstriýa jemgyýetiniň ýolbaşçysy Neda Berger bilen duşuşyk geçirdi.

* * *

***12-nji oktýabrda*** Bişkek şäherinde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň daşary işler ministrleriniň Geňeşiniň nobatdaky mejlisi geçirildi. Çärede türkmen wekiliýetine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow ýolbaşçylyk etdi.

* * *

***13-nji oktýabrda*** Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Gyrgyz Respublikasyna iş saparynyň çäklerinde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisine gatnaşdy.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Gyrgyz Respublikasyna iş saparynyň dowamynda Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow bilen duşuşygy geçirildi.

* * *

***14-15-nji oktýabrda*** Arkadag şäheriniň Aman Gulmämmedow adyndaky döwlet drama teatrynda «Arkadagyň şäheri» atly halkara kinofestiwal geçirildi. Kinofestiwala ýurdumyz bilen bir hatarda Azerbaýjanyň, Gazagystanyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Täjigistanyň, Özbegistanyň, Russiýa Federasiýasynyň, Türkiýäniň, Fransiýanyň aktýorlary, režissýorlary, kino, teatr artistleri, prodýuserleri gatnaşdylar.

* * *

***16-njy oktýabrda*** Pekinde Türkmenistanyň daşary işler ministri Raşid Meredowyň Hytaý Halk Respublikasynyň daşary işler ministri Wan I bilen gepleşikleri geçirildi.

* * *

***17-nji oktýabrda*** Türkmenistanyň daşary işler ministriniň orunbasary Mähri Bäşimowa BMG-niň Betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmak boýunça sebitleýin müdiriniň orunbasary Sebastian Penzini bilen duşuşdy.

* * *

***18-nji oktýabrda*** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Pekindäki Halk ýygnaklar öýünde geçirilen «Bir guşak, bir ýol» III ýokary derejeli maslahatyna gatnaşdy.

* * *

***18-nji oktýabrda*** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow HHR-iň Döwlet geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary, Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň Syýasy býurosynyň Hemişelik Komitetiniň agzasy Din Sýuesýan bilen duşuşdy.

Günortanlyk nahary wagtyndaky duşuşygyň dowamynda söhbetdeşler iki döwletiň dünýä gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça garaýyşlarynyň ýakyndygyny ýa-da gabat gelýändigini kanagatlanma bilen bellediler. Bu bolsa özara bähbitlere laýyk gelýän ynanyşmak dialogynyň kemala gelmegine ýardam berýär.

Söwda-ykdysady, ýangyç-energetika we ulag-kommunikasiýa ulgamlary, senagat, oba hojalyk pudaklary we beýleki ugurlar ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda görkezildi.

Şeýle hem taraplar iki ýurduň parlamentleriniň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek we medeni-ynsanperwer gatnaşyklary işjeňleşdirmek meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**




### TÜRKMEN-RUS YLYM-BILIM GATNAŞYKLARYNYŇ GERIMI BARHA GIŇEÝÄR

Häzirki wagtda türkmen-rus gatnaşyklarynyň ylym we bilim ugry aýratyn ähmiýete eýe bolmak bilen, hil taýdan täze derejä çykýar. Munuň şeýledigini 2023-nji ýylyň 12-nji oktýabrynda W.N.Tatişew adyndaky Astrahan döwlet uniwersitetiniň halkara hyzmatdaşlyk meseleleri boýunça prorektory Angelina Fadinanyň türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň professor-mugallymlarynyň we talyp ýaşlarynyň öňünde çykyş etmegi doly subut edýär. Hormatly myhman türkmen halkynyň Milli Lideriniň tagallalary bilen açylyp ulanylmaga berlen institutyň binalar toplumynyň, okuw otaglarynyň, mejlisler zallarynyň, türkmen diplomatiýasynyň milli muzeýiniň, institutyň merkezleriniň enjamlaşdyrylyşy we mümkinçilikleri bilen tanyşdy. Hususan-da, mertebeli myhman türkmen diplomatiýasynyň milli muzeýine, «Parahatçylygyň medeniýeti» ÝUNESKO klubuna, «Hindi burçuna», «Ýaş diplomatyň sesi» elektron gazetiniň redaksiýasyna, institutyň okuw studiýasyna, «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» akyl-paýhas bäsleşiginiň geçýän ýeri bolan «Ak öýe» aýlanyp gördi.

### ПРОВЕДЕНА ЛЕКЦИЯ ПО ДИПЛОМАТИЧЕСКОМУ ПРОТОКОЛУ И ЭТИКЕТУ

17 октября 2023 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана была проведена вводная лекция по дипломатическому протоколу и этикету Джона Симпсона, американского эксперта, опытного тренера, специалиста по дипломатическому протоколу и этикету.

В рамках проведённой лекции гость подробно рассказал студентам о ключевых аспектах дипломатического протокола и этикета. По словам лектора, в международных дипломатических контактах особое место отводится протоколу и этикету. Протокол регулирует международные отношения, основывается на принципах международной вежливости и осуществляется с помощью этикета.

В ходе содержательной лекции состоялся обстоятельный обмен мнениями между лектором и студентами.

* * *

### TURKMEN STUDENTS SUCCESSFULLY PERFORMED AT THE COMPETITION ON INTERNATIONAL HUMANITARIAN LAW NAMED AFTER F.F.MARTENS

From October 9 to October 12, 2023, a team of students from the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan adequately represented our country at the annual Competition on International Humanitarian Law named after. F.F. Martens, which took place in the Yaroslavl region (Russian Federation).

I would like to remind you that this year more than 60 applications were submitted to the competition from various regions of Armenia, Belarus, Kazakhstan, Kyrgyzstan, Moldova, Russia, Tajikistan, Turkmenistan, Uzbekistan.

When determining the best teams in the qualifying round, the jury took into account knowledge of international humanitarian law and public international law and the team's ability to argue their statements. As a result, based on the results of the qualifying round, 23 teams were selected that scored the highest number of points in accordance with the criteria specified in the competition regulations.

The Turkmen team consisting of Kerven Muhammedgeldyev, Serdar Rakhimov and Davlet Babakuliev, under the leadership of senior lecturer of the Department of International Law and Comparative Law Durli Ballyeva, successfully passed the qualifying round, which included competitors from more than 20 higher educational institutions of the CIS.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# Summit of CIS Leaders:
## Friendship paths to hearts

On October 16, 2023, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov, as a part of working visit to the Kyrgyz Republic, took part in the regular meeting of the Council Heads of State of the Commonwealth of Independent States.

The meeting, chaired by the President of the Kyrgyz Republic Sadyr Japarov, was also attended by the President of the Republic of Azerbaijan Ilham Aliyev, the President of the Republic of Belarus Alexander Lukashenko, the President of the Republic of Kazakhstan Kassym-Jomart Tokayev, the President of the Russian Federation Vladimir Putin, the President of the Republic of Tajikistan Emomali Rahmon, the President of the Republic of Uzbekistan Shavkat Mirziyoyev and CIS Secretary General Sergey Lebedev.

The President of Kyrgyzstan thanked everyone for participating in the Summit, emphasizing the importance of the issues on the agenda of the summit meeting in the context of further development of cooperation in the Commonwealth space, effective implementation of the existing solid potential in various fields, deepening integration economic and humanitarian ties.

During his speech, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov noted that the current meeting is a continuation of a systematic and multifaceted dialogue within the CIS on priority issues of the global and regional agendas, and expressed confidence that the interaction of states in the Commonwealth format is an important factor in ensuring conditions for successful progress cooperation on current topics.



As it is known, our country, being an associated member of the CIS, participates in its activities in accordance with its neutral status recognized by the United Nations. Our proposals put forward within the Commonwealth fully meet the initiatives of Turkmenistan declared within the Community of Nations, said President Serdar Berdimuhamedov. This, first of all, relates to issues of ensuring peace and security.

As the head of the Turkmen state emphasized, recent international events clearly demonstrate that maintaining peace, strengthening security and stability will be the main in priorities of world politics. In this context, today Turkmenistan, taking into account the realities and trends of global development, proses to begin discussing the possibilities of developing a Global Security Strategy under the auspices of the United Nations. This initiative was announced during the 78th session of the General Assembly.

Specifying the three important directions of this Strategy, the first of them was the President of Turkmenistan, outlining the principles of preventive diplomacy as a tool for preventing and neutralizing conflicts and threats, eradicating the causes that give rise to the them.

The second key component of the Strategy is the use of the potential of positive neutrality as a political and legal category, which serves as the most important factor in the peaceful resolution of disputes and contradictions through the use of the entire arsenal of diplomatic means and methods.

Thirdly, it is necessary to take into account in the Strategy the importance of restoring a culture of trusting dialogue as a guarantee of ensuring peace.

The President of Turkmenistan expressed confidence in the relevance for the Commonwealth states of projects initiated by the Turkmen side to diversify energy, transport and communication components in the context of the development of large-scale infrastructure corridors North-South and East-West. In this regard, great importance is attached to increasing logistics capabilities with transport links in the Caspian-Black Sea and Asia-Pacific regions, as well as with the Gulf and Middle East countries.

Stressing that the close humanitarian interaction between the peoples of our countries continues to be an important and unifying factor of partnership in the CIS format, the head of Turkmenistan noted the presence of accumulated solid experience in the field of science and education, tourism and sports. Cooperation in the field of cultural exchanges is also an important aspect.

At the end of his speech, the President of Turkmenistan confirmed our country's strong commitment to further interaction within the CIS.

As part of the exchange of views that took place during the Summit, the results of the Commonwealth's activities for the current year were analyzed, priority tasks and plans for the coming period were specified, current aspects of regional and international issues were discussed, and a number of organizational and other relevant issues were considered.

As a result of the Summit, a number of documents were adopted. The Summit was also considered as another evidence of mutual intent and resolution to bring traditional partnership to new level, to give constructive character to it taking into account gained positive practice of cooperation, huge economic and resource potential.

As it should be noted, Turkmenistan is an associated member of the Commonwealth of Independent States, taking an active part in the affairs of the Organization, building relations with CIS member states on an equal, trusting basis, taking into account the common goals and national interests of each of the parties.

*Shasenem MEYLISOVA,*
*the 2nd year student of the*
*Faculty of International Relations.*



# Из событий туркменских дипмиссий за рубежом

13 октября в Баку прошла двусторонняя встреча министров культуры Туркменистана и Азербайджана, в ходе которой стороны обсудили перспективы дальнейшего сотрудничества.

Как сообщает report, министр культуры Азербайджана Адиль Керимли, поприветствовав туркменскую делегацию во главе с министром культуры Туркменистана Атагельди Шамырадовым, отметил высокий уровень связей между двумя странами. Он сказал, что искренние дружеские отношения между руководителями двух стран вывели отношения братских республик до уровня стратегического партнерства. Это, в свою очередь, создало важную основу для развития отношений, как в сфере культуры, так и во многих других.

* * *

14 октября Посольство Туркменистана в Казахстане организовало в городе Астана торжественный прием в честь 32-й годовщины независимости Туркменистана, сообщает пресс-служба диппредставительства.

На мероприятии была представлена насыщенная праздничная программа: видеопрезентация, выставка ковров, угощения туркменской национальной кухни, а также концерт с исполнением традиционного танца «Куштдепди».

* * *

17 октября В Бухаресте состоялась встреча посла Туркменистана в Румынии Аннамаммета Аннаева с сопредседателем румынской части межпарламентской туркмено-румынской группы дружбы Анкуэтилом Колчаром.

Как сообщает пресс-служба МИД Туркменистана, стороны обсудили актуальные вопросы двустороннего сотрудничества, а также перспективы дальнейшего взаимодействия.

В качестве приоритетных направлений сотрудничества были обозначены политико-дипломатическая, торгово-экономическая, топливно-энергетическая, транспортно-коммуникационная и культурно-гуманитарная сферы. Отмечено позитивное взаимодействие на межпарламентском уровне.

* * *

17 октября Туркменистан и Китай пришли к соглашению о расширении энергетического сотрудничества и развитии двусторонних отношений в ходе встречи высокопоставленной делегации Туркменистана с вице-премьером Госсовета КНР Дин Сюэсяном в Пекине, сообщает информагентство «Синьхуа».

В состав туркменской делегации вошли советник Президента Туркменистана по нефтегазовым вопросам Аширгулы Беглиев и вице-премьер, министр иностранных дел Рашид Мередов.

***Подготовила: Оразджемал ЧАРЫЯРОВА, студентка I курса факультета международной журналистики.***

*The chairmanship of the CIS will be transferred to the Russian Federation from Kyrgyzstan from January 1, 2024.*

***В 18 октября посол Туркменистана во Франции Максат Чарыев встретился с председателем межпарламентской группы «Центральная Азия — Франция» Сената республики Эрве Мореем для обсуждения вопросов возможного визита делегации туркменского парламента, сообщает посольство страны в Париже.***

*Ulag diplomatiýasy*

# «BIR GUŞAK, BIR ÝOL»: hyzmatdaşlygyň täze derejesi

***Türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň müňýyllyklaryň jümmüşine uzap gidýän taryhy bar. Gadymy döwürlerde ýurtlarymyzy we halklarymyzy baglanyşdyran Beýik Ýüpek ýoly diňe bir özara bähbitli söwda gatnaşyklaryny alyp barmakda däl, eýsem, medeni gatnaşyklary yzygiderli ösdürmekde hem özboluşly köpri bolup hyzmat edipdir.***

Hytaýyň «Bir guşak, bir ýol» başlangyjyny Türkmenistanyň «Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmek» strategiýasy bilen has içgin utgaşdyrmak ugrunda depginli işler alnyp barylýar. Bu amala aşyrylýan işler, ilkinji nobatda, taryhy ýoluň gaýtadan dikeldilmesini, ikinjiden, sebitleriň arasyndaky bar bolan gatnaw ugurlaryň düýpli köpugurlaşdyrylmasyny aňladýar. Bu günki günde türkmen-hytaý gatnaşyklary Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň uly tagallalary bilen dowamat-dowam tapýar.



Dünýä döwletleriniň arasynda Garaşsyz Türkmenistan bilen diplomatik gatnaşyklary ilkinji bolup ýola goýan Hytaý Halk Respublikasy häzirki wagtda ýurdumyzyň örän möhüm ykdysady hyzmatdaşlarynyň biridir. Şu döwre çenli iki döwletiň arasynda hyzmatdaşlygyň köp derejeli guraly işlenip taýýarlanyldy. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegine hem-de öňe kuwwatly itergi berilmegine ägirt uly goşant goşmagy muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Şunuň bilen baglylykda, 2013-nji ýylyň sentýabrynda gol çekilen strategik hyzmatdaşlygy ýola goýmak barada bilelikdäki Jarnama aýratyn ähmiýete eýedir.

2013-nji ýylda Si Szinpin tarapyndan teklip edilen «Bir guşak, bir ýol» konsepsiýasy dünýä bileleşiginiň oňyn seslenmesine mynasyp boldy. Bu başlangyjyň maksady has köp sanly ýurtlaryň gatnaşmagynda hem-de gyzyklanma bildirýän döwletleriň serişdelerini peýdalanmak bilen, halkara söwda-maýa goýum taslamalaryny işjeňleşdirmekden ybaratdyr. Bu başlangyja eýýäm 150-den gowrak ýurt we 30-dan gowrak halkara guramalary goşuldy.

Ine, şu ýylyň 17 — 19-njy oktýabrynda bolsa türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow «Bir guşak, bir ýol» üçünji ýokary derejeli maslahata gatnaşmak üçin Hytaý Halk Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy. Maslahatyň çäginde maýa goýum, sanly ykdysadyýet we söwda gatnaşyklaryny giňeltmek boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmek meseleleri ara alyp maslahatlaşyldy.

«Bir guşak, bir ýol» üçünji ýokary derejeli maslahatynyň jemleri boýunça Özara baglanyşyk ulgamynda hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak boýunça Pekin başlangyjy; «Guşak we ýol» sanly ykdysadyýet ulgamynda halkara hyzmatdaşlyk atly Pekin başlangyjy; «Guşak we ýol» «ýaşyl» ösüş boýunça Pekin başlangyjy; Sanly ykdysadyýet we «ýaşyl» ösüş üçin halkara söwda we ykdysady hyzmatdaşlygyň esaslary boýunça başlangyç kabul edildi. Şeýle hem Merkezi Aziýa sebitinde «ýaşyl» ylmy we tehnologiýany ösdürmek babatda iş meýilnamasyny bilelikde durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşlyk hakynda Ähtnama gol çekildi. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow Pekinde «Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmek» türkmen strategiýasynyň Hytaýyň «Bir guşak, bir ýol» strategiýasyna laýyk gelýändigini hem nygtady.

«Bir guşak, bir ýol» başlangyjynyň durmuşa geçirilmegi Beýik Ýüpek ýolunyň gaýtadan dikeldilmegine mümkinçilik döretmek bilen, ähلumumy ykdysady ösüşe kuwwatly itergi bermäge ýardam eder hem-de dünýä ösüşi üçin täze giňişligi açar. Bu ägirt uly taslama deňi-taýy bolmadyk giň gerimli halkara hyzmatdaşlyk üçin netijeli binýada öwrüldi. Bu başlangyjy durmuşa geçirmegiň çäklerinde amala aşyrylýan işler medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň ösdürilmegine, ýurtlaryň arasynda hoşniýetli goňşuçylyk, dostluk, özara düşünişmek ýörelgeleriniň pugtalandyrylmagyna bahasyna ýetip bolmajak uly goşantdyr.

Şeýlelikde, Gahryman Arkadagymyzyň bu maslahata gatnaşmagy biziň ýurdumyzyň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk meselelerinde jogapkärli, işjeň orny eýeleýändiginiň nobatdaky beýanydyr. Bu günki gün dünýä ykdysady we ylmy-tehnologik ösüşiniň öňdebaryjysyna öwrülen Hytaý Halk Respublikasy bilen ikitaraplaýyn hem-de sebit derejesindäki netijeli hyzmatdaşlygyň ilerledilmegi geljekde-de dostlukly türkmen we hytaý halklarynyň bähbidine hyzmat eder.

***Ýagşymyrat ÖWEZOW,***
***Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň II ýyl talyby.***

# On the sidelines of the international exhibition

***From October 10 to October 15, 2023 in Ashgabat Exhibition Center of The Chamber of Commerce and Industry hold «International Exhibition Healthcare, Education and Sports in The Renaissance Era of a new Age of a Powerful State». Among visitors to the International Exhibition were also students of the Institute of International Relations of the MFA of Turkmenistan. In the fields of the international exhibition, the students of the Institute of International Relations of the MFA of Turkmenistan interviewed Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the USA to Turkmenistan Matthew Stephen Klimow.***



*— Good afternoon Mr.Ambassador. We are glad to see you here. I suppose you have heard about the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign affairs of Turkmenistan and I want to ask some questions.*

— I am very familiar with the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan. In fact as the US Ambassador I spent much time with the students of Institute of International Relations as I can. I have frequently visited and given lectures at the Institute and would like to do this on a future if you invite me back.

*— Yes, definetely we will very glad to see you again at our institute. It would be a great opportunity to listen to your lecture for us. Mr. Ambassador as it is mentioned before that days of Culture of Turkmenistan will be held in the American city of Albuquerque in the USA. What could you tell us about details of this event?*

— I'm so glad that you ask me about cultural days in Albuquerque in New Mexico in The United States of America. Albuquerque is the sister city of Ashgabat and this form many of the performers, dancers and singers from Turkmenistan will be traveling to the USA to the South West Albuquerque to sing, dance and perform traditional songs and dances to the people of America. This kind of exchange so important in our relationship. True exchanges like this is a good example how to live together in the peaceful world and we need it more than ever. I'm so impressed with young people like my friend here studying journalism, law, economy and diplomacy when I look at the Institute of International Relations I know I am looking at the future diplomats and leaders of the country. Thank you for the opportunity to talk with you today and congratulate you. This is fantastic display «Berekella».

*— Could you tell about future plans for Turkmen-American cooperation? What is your opinion on having USA culture day in Turkmenistan or exchange program between universities of two countries?*

— I'm glad that you ask questions about future bilateral relations and exchange programs between Turkmenistan and USA. I see potential for more exchange programs and opportunities to bring Americans to Turkmenistan and Turkmen people to the USA. And today if you come to the convention center you may find many Americans universities here right behind me an exhibition stand representing different colleges and universities in USA where you can study and you can get bachelor degree or master degree or perhaps for Fulbright scholarship. As a USA Ambassador it's my pleasure to welcome you and I hope to see you right here at the convention center again.

*— Thank you Mr. Ambassador for the giving opportunity to interviewing you.*

— My pleasure! Good job! Good questions.

***The interviewer: Seyran SOPYYEV,***
***the 2nd year student of***
***the faculty of International Journalism.***

*Soňky 10 ýylda Hytaý bilen «Bir guşak, bir ýol» taslamasynyň ugrundaky ýurtlaryň arasyndaky söwda dolanyşygy iki esse (1,04 trillion dollardan 2,07 trillion dollara çenli) artdy.*

*2022-nji ýylda Hytaý bilen Merkezi Aziýa döwletleriniň arasyndaky söwda dolanyşygy 70,2 milliard amerikan dollaryndan gowrak bolup, bu görkeziji 2021-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 50 göterim ýokarlandy.*

# «PARAHATÇYLYGYŇ ÝAŞ ÇAPARLARY»:

## III MÖWSÜME BADALGA BERILDI

**Geçilen ýollar, ötülen menziller, başyňdan geçiren wakalaryň her bir ynsanyň hakydasynda soňlanmaz ýatlama bolup baky orun alýar. Seniň ýörän ýollaryňdan, geçen ýodalaňdan ýöräp barýan zehinli mekdep okuwçylaryny synlamak has hem täsirli, has hem ýakymly! Hawa, men bu ýerde «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly zehini zehinden saýlaýan ykballary özgerdiji bäsleşik barada aýtmak isleýärin.**

2023-nji ýylyň 17-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymlarydyr talyplarynyň dilinde şeýle sözler ýaňlanýardy: «Bu gün ýaş çapar başlaýar!». Hawa, bu gün türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebinde geçirilmegi asylly däbe öwrülen «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň «Beýik Magtymguly Pyragynyň taglymaty — umumadamzat gymmatlyklarynyň milli şamçyragy» atly umumy şygar astynda III möwsüminiň I saýlama oýny geçirildi. Bäsleşigimiziň I saýlama oýnunyň öňüsyrasynda, has takygy, 2023-nji ýylyň sentýabr aýynda bäsleşigiň III möwsümine gatnaşmaga isleg bildiren 600-den gowrak mekdep okuwçylarynyň arasynda test synagy geçirilip, olaryň içinden iň ýokary netijeleri görkezenleriniň 64 sanysy bäsleşigimize gatnaşmaga hukuk gazandylar. Bäsleşigimize gatnaşmaga isleg bildirýän ýaşlaryň sanynyň ýyl-ýyldan artmagy bolsa, ýaş nesliň döwletimiziň alyp barýan parahatsöýüjilikli daşary syýasatyna, diplomatiýasyna bolan gyzyklanmasynyň has hem artýandygyny doly aýdyňlygy bilen tassyklady. Bäsleşigiň III möwsüminiň I saýlama oýny «Döwletmämmet Azady we onuň döwründe Merkezi Aziýada halkara gatnaşyklary» diýen tema boýunça geçirildi.

Bäsleşigiň III möwsüminiň Magtymguly Pyragynyň döredijiligi bilen berk baglanyşykly bolup, onuň akyldar şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygyna ýokary derejede taýýarlyk görülýän günlerine gabat gelmeginde hem aýratyn many bar. Beýik söz ussadynyň «Sözlemän oturmak bilseň akyldyr», «Kişige gaty söz aýdyjy bolma», «Akyl bolsaň söz aýtmagyn, nobat berilmegen ýerde» ýaly dürdäne setirlerinde hakyky diplomata mahsus bolan häsiýetler şöhlelendirilýän bolsa, şahyryň «Döwletalynyň», «Arşy aglaýa», «Çowdurhan» ýaly goşgularynda döwrüň halkara gatnaşyklary we syýasy ýagdaýy barada söz açylýar. Akyldar şahyrymyzyň şeýle goşgulary geljekki halkaraçy hünärmenler bolmagy maksat edinen ýaş çaparlar üçin hem elmydama ýol görkeziji şamçyrag bolar.









Bäsleşigimiziň bu oýnuna «Pähimdarlar geňeşiniň» agzalary hökmünde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty Begenç Karaýew, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň bölüm müdiri, filologiýa ylymlarynyň kandidaty Rahmanberdi Godarow, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty Baba Saryýew dagylar adalatly eminlik etdiler.

Bäsleşige Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumy bilim berýän mekdep-internatynyň 10-njy synp okuwçylary Jeýhun Hojageldiýew, we Aýperi Guwanjowa, Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň Şatlyk şäherindäki takyk we tebigy ugurlardan ýöriteleşdirilen 43-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Mergen Meläýew, Balkan welaýatynyň Balkanabat şäheriniň iňlis dili, fizika we matematika derslerine ýöriteleşdirilen 22-nji orta mekdebiniň 10-njy synp okuwçysy Medine Gulberdiýewa, Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň 11-nji synp okuwçysy Süleýman Nurýagdyýew, Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň ýöriteleşdirilen 45-nji orta mekdebiniň 10-njy synp okuwçysy Jemal Hallyýewa, Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň 29-njy orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Muhammetmyrat Parahadow hem-de Aşgabat şäheriniň 108-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Güljemal Orazowa dagy gatnaşdylar.

«Pähimdarlar geňeşiniň» gelen netijesine laýyklykda, berlen soraglara dogry jogap berip, ýokary ukyplylygy bilen tapawutlanmagy başaran mekdep okuwçylarynyň 2-si, ýagny Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň 10-njy synp okuwçysy Jeýhun Hojageldiýew we Aşgabat şäheriniň 108-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Güljemal Orazowa «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň III möwsüminiň I saýlama oýnunyň ýeňijileri diýlip yglan edildiler.

Bäsleşigiň bu oýnuny alyp barmak bagty meniň paýyma düşdi. Şol tolgundyryjy pursatlarda ýaş zehinleriň özlerine berlen sowallara ezber çemeleşip, dogry jogap berişlerini synlanyňda, biygtyýar öz geçen ýollaryň hakda oýa batýarsyň. Seniň hem şu «Ak öýüň» içinde, şu ajaýyp türkmen halysynyň üstünde bäsleşen pursatlaryňdaky süýji ýatlamalaryň hakydaňda janlanýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan syzylyp çykan «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabyndaky: «Bu günki ýaşlarymyzyň tutuş durkunda olar hakyndaky aladalarymyzyň, umytlarymyzyň, yhlasymyzyň netijesini görmek isleýärin» diýen çuň manyly sözleri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen ýaşlaryna bildirilýän ägirt uly ynamyň nyşany bolup durýar. Biz bu zehinli mekdep okuwçylarynyň Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ynamyna mynasyp boljakdyklaryna, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň ösüşine goşant goşjakdyklaryna tüýs ýürekden ynanýarys. Sebäbi olar — parahatçylygyň ýaş çaparlary!

***Yhlas HALLYÝEW,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby,***
***«Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň II möwsüminiň Baş baýragynyň eýesi.***

*«Parahatçylygyň ýaş çaparlary» akyl-paýhas bäsleşiginiň «Beýik Magtymguly Pyragynyň taglymaty — umumadamzat gymmatlyklarynyň milli şamçyragy» atly umumy şygar bilen guralýan III möwsüminiň II saýlama oýny «Sefewi döwletiniň XVII asyryň ahyrynda — XVIII asyryň başynda halkara gatnaşyklary we diplomatiýasy» temasy boýunça 2023-nji ýylyň 8-nji noýabrynda geçiriler.*

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland!

*Baş redaktor*
***Aýnabat NAZAROWA***

***Baş redaktoryň orunbasarlary:*** *M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.*
***Jogapkär kätip:*** *B.Garaýew.*
***Jogapkär kätibiň orunbasary:*** *A.Kaşaňow.*
***Bölüm müdiri:*** *J.Öwezowa.*
***Edebi işgärler:*** *A.Ýazweliýew, A.Atajykowa.*
***Fotohabarçy:*** *B.Ýazmyradow.*
***Korrektor:*** *A.Döwletowa.*

***Redaksion geňeşiň agzalary:***
*B.Ataýew, M.Berdinyýazow, T.Uşakow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, A.Jumagulyýew, M.Gandymowa, T.Babaýewa, P.Çaryýew, O.Hemzäýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.*

***Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.***
***E-mail:***
***hgi.redaksiya@gmail.com***